Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak
ministriniň 2025-nji ýylyň 11-nji
oktýabrynda çykaran 243-Ö belgili
buýrugy bilen tassyklanyldy

# DÖWLET TEBIGY ÇÄKLI GORAGHANALAR HAKYNDA BIRKYSMY DÜZGÜNNAMA

## I bap. Umumy düzgünler

1. Döwlet tebigy çäkli goraghanalar hakynda birkysmy düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) 2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) 7-inji maddasynyň birinji bölegine we 34-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünnama tebigaty goraýyş wezipelerini ýerine ýetirmek üçin gerek bolan döwürde tebigy toplumlary ýa-da olaryň düzüm böleklerini aýap saklamak, gaýtadan döretmek, dikeltmek we ekologik balansy saklamak maksady bilen döredilýän döwlet tebigy çäkli goraghanalaryň (mundan beýläk – Çäkli goraghana) işini guramagyň hukuk, guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär we onuň kadalarynyň çäkli goraghanalar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Çäkli goraghanalar öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, “Tebigaty goramak hakynda”, “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryna, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň görkezmelerine, gözükdirijilerine we şu Birkysmy düzgünnama goldanýar.

4. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin Kanunda ulanylýan düşünjeler ulanylýar.

5. Çäkli goraghanalar aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda döwlet dolandyrşynyň ygtyýarly edarasy bolan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk – ygtyýarly edara) tarapyndan tassyklanýan Döwlet tebigy çäkli goraghanalar hakynda düzgünnamalaryň esasynda hereket edýärler.

6. Çäkli goraghanalara tebigy ýerleriň beýleki görnüşleriniň arasynda möhüm ekologik ulgamlaryň we ekologik geçelgeleriň goralýan tebigy ýerleri degişli edilip biliner.

7.Döwlet tebigy goraghanalaryň, biosfera goraghanalaryň we milli seýilgähleriň meýdanlarynyň çäklerinde ýerleşýän ýerler (akwatoriýa) çäkli goraghanalar diýlip yglan edilip bilinmez.

8.Çäkli goraghanalar ýuridik şahsy döretmek bilen ýa-da ony döretmezden döredilip bilner.

9. Çäkli goraghanalar olaryň işlemek möhletlerini görkezmezden (möhletsiz) ýa-da azyndan on ýyl möhlet üçin döredilýär.

10. Kanuna laýyklykda şu çäkli goraghanalar döredilýär:

1) döwlet ähmiýetli – ygtyýarly edaranyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen;

2) ýerli ähmiýetli – ygtyýarly edara bilen ylalaşylyp, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň kararlary bilen.

11. Çäkli goraghanalar ygtyýarly edaranyň garamagynda durýar. Çäkli goraghanalary dolandyrmak Ygtyýarly edara tarapyndan döwlet tebigy goraghanalaryň, döwlet biosfera goraghanalaryň ýa-da milli seýilgähleriň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenilip bilner.

12. Çäkli goraghanalarda amala aşyrylýan işler ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanýan çäkli goraghanalary dolandyrmagyň ýyllyk we bäş ýyllyk meýilnamalara laýyklykda alnyp barylýar.

13. Ýerleri (akwatoriýalary) çäkli goraghanalar diýip yglan etmäge degişli ýer böleklerini (suw desgalaryny) olaryň eýelerinden ýa-da peýdalanyjylaryndan almak ýa-da  almazlyk bilen ýol berilýär.

## II bap. Çäkli goraghanalaryň görnüşleri

14. Çäkli goraghanalar şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1) ösümlikleriň we haýwanlaryň gymmatly, seýrek we ýok bolup gitmek howpy astynda durýan görnüşlerini aýap saklamak, gaýtadan döretmek we dikeltmek üçin we olaryň migrasiýasynyň ýollaryna niýetlenen biologik;

2) aýry-aýry gazylyp alynýan obýektleri we olaryň toplumlaryny aýap saklamak üçin niýetlenen paleontologik;

3) gymmatly suw obýektlerini aýap saklamak üçin niýetlenen gidrologik;

4) seýrek biologik we minerologik emele gelmeleri aýap saklamak üçin niýetlenen geologik we mineralogik.

15. Çäkli goraghanalar aýratyn goralýan tebigy ýerleriň beýleki görnüşleriniň arasynda möhüm ekologik ulgamlar we ekologik geçelge goralýan tebigy ýerlere degişli edilip bilner.

## III bap. Çäkli goraghanalaryň esasy wezipeleri, olarda gorag düzgünleri

16. Çäkli goraghanalaryň esasy wezipelerine şular degişlidir:

1) tebigy ekologik ulgamlary we aýry-aýry özboluşly botaniki, zoologik we toprak görnüşlerini, ösümlikleriň, haýwanlaryň we kömelekleriň seýrek duş gelýän, ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriniň ýaşaýan ýerlerini gorap saklamak we dikeltmek;

2) tebigy bileleşikleriň bütewiligini saklamak, ýabany haýwanlaryň ählisini ýa-da aýry-aýry görnüşlerini we ýaşaýan gurşawlaryny gorap saklamak, gaýtadan döretmek we olaryň mukdaryny dikeltmek;

3) çäkli goraghanalaryň aýratyn goralýan görnüşlerini öwrenmek boýunça ylmy-barlag işlerini ýerine ýetirmek;

4) bozulan landşaftlary, biogeosenozlary, tebigy toplumlary we görnüşleri (obýekti) dikeltmek;

5) ilatyň ekologiýa aň-bilimini ýokarlandyrmak.

17. Her bir çäkli goraghananyň gorag düzgüniniň aýratynlyklary ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanýan düzgünnama bilen kesgitlenilýär;

18. Çäkli goraghanalaryň ýerinde onuň maksatlaryna we wezipelerine ters gelýän ýa-da tebigy toplumlara we olaryň düzüm birliklerine zyýan ýetirýän işiň görnüşleri çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner, ýagny:

1) ýer sürmek;

2) ýer böleklerini gurluşyk üçin bölüp bermek;

3) melioratiw işleri geçirmek;

4) aw awlamak we balyk tutmak (sanyny kadalaşdyrmakdan başga);

5) zäherli awuly himikatlary ulanmak;

6) haýwanat dünýäsiniň görnüşleriniň ýaşaýan ýerlerini bozmak, olary bilkastlaýyn ynjalyksyzlandyrmak we tutmak;

7) tokaýlardan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri, ot ýatyrmak, mal bakmak, bal arynyň maşgala öýüni ýerleşdirmek, ekin ekmek, bakjaçylyk we beýleki ekinleri ösdürip ýetişdirmek, dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly, ýabany ösýän miwäni, hozy, kömelegi, ir-iýmişi we güli taýýarlamak (ýygnamak);

8) syýahatçylyk we raýatlaryň guramaçylykly dynç alşynyň beýleki görnüşlerini geçirmek;

9) mehanizmleşdirilen ulag serişdeleriniň umumy peýdalanyş maksatly we suw ýollaryndan daşarda hereket etmek;

10) agajy we gyrymsy agajy birugsat ekmek, şeýle hem raýatyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň aýry-aýry böleklerini abadanlaşdyrmaga gönükdirilen beýleki hereketleri geçirmek;

11) guran ýapraklary we otlary ýakmak, ýörite bellenilen ýerlerden daşarda ot ýakmak;

12) öri meýdanlarda öý haýwanlaryny bakmak;

13) biotehniki desgalar, maglumat belgilere we anşlaglara zeper ýetirmek;

14) suwarmak we suwlulandyrmak üçin suwlary ulanmak;

15) gözleg işleri we gazylyp alynýan peýdaly baýlyklar gazyp almak;

16) tebigy toplumlary we görnüşleri gorap saklamaga, dikeltmäge we gaýtadan köpeltmäge päsgelçilik berýän hojalyk işleriniň beýleki görnüşleri;

19.Çäkli goraghanalaryň serhetlerinde ýerleşen ýer bölekleriniň eýeleri we peýdalanyjylary bolan ýuridik we fiziki şahslar onda bellenen gorag düzgünini berjaý etmäge borçludyrlar.

20. Çäkli goraghanalaryň düzgünleri ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerden peýdalanyjylar (suwdan peýdalanyjylar) bilen ylalaşylmagy esasynda bellenilýär. Eger-de, çäkli goraghanalar tokaý gaznasynyň çäginde ýerleşýän ýa-da bölekleýin galtaşýan bolsa, olaryň düzgünleri Türkmenistanyň Tokaý kodeksine laýyklykda tokaý eýeleri we tokaýlardan peýdalanyjylar bilen ylalaşylyp bellenilýär.

## IV bap. Çäkli goraghanalaryň goragy

21. Çäkli goraghanalary goramak Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmasyny ýüze çykarmak we onuň öňüni almak üçin ýerinde geçirilýän çäreleriň toplumlary bolup durýar, ol ýer we suw serişdelerini hem-de biologik köpdürlüligi goramak, ýangynlaryň öňüni almak we ýüze çykarmak maksady bilen ýerleriň üstünde gözegçilik edilmegini öz içine alýar.

22. Çäkli goraghanalarda ýangynlaryň öňüni almak, ýüze çykarmak we aradan aýyrmak Türkmenistanyň ýangyn howpsuzlygy hakynda kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

23. Çäkli goraghanalary adamlaryň işjeňliginiň (antropogen) täsirlerinden goramak maksady bilen, olara ýanaşyk ýerleşen gury ýerleriň we suw giňişliginiň böleklerinde hojalyk işleri düzgünleşdirilýän we gözegçilik edilýän düzgünli gorag zolaklary döredilip bilner.

24. Çäkli goraghanalaryň goragy ygtyýarly edaranyň garamagyndaky döwlet tebigy goraghanalaryň we döwlet biosfera goraghanalaryň Gorag bölümleri tarapyndan amala aşyrylýar.

25. Jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlar çäkli goraghanalary guramak, goramak we peýdalanmak boýunça çäreleriň amala aşyrylmagyna gatnaşmaga we ýardam etmäge haklydyrlar.

26. Çäkli goraghanalaryň ýerleşýän etrabynyň ýerlerden peýdalanyş meýilnamasy işlenip düzülende, çäkli goraghanalaryň ýerleri we gorag düzgünleri hasaba alynmalydyr.

27. Çäkli goraghanalaryň çäkleri ýörite maglumat belgisi bilen aňladylýar.

28. Çäkli goraghanalaryň düzgüniniň bozulmagyna günäkär bolan şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

29. Ýuridik we fiziki şahslar çäkli goraghanalaryň düzgünlerini bozmak bilen olara ýetiren zyýanynyň öwezini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möçberde we tertipde dolmaga borçlydyrlar.

30. Çäkli goraghanalaryň bellenilen gorag düzgünleriň berjaý edilişine gözegçilik ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

31. Çäkli goraghanalaryň işini üpjün etmek boýunça çykdajylar Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

32. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.